# «Şemal meni alyp gidäýjek ýaly…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
"Şemal meni alyp gidäýjek ýaly…" ŞEMAL MENI ALYP GIDÄÝJEK ÝALY…

*«Bizi alyp gider bu agşam şemal»*
*Fürug Ferruhzad.*

Şemal meni alyp gidäýjek ýaly,
Gulagma pyşyrdap ýyllaň buşlugyn.
Garaş maňa, garaş! Boýuňa gal-da;
Serwi boýly bir dilberiň ugrunda
Egni gysyk gezen – göýdük ýaşlygym.

Bir tarapy ýaşyl, beýlesi sary
Ýapraklarda gaýýar şemalyň heňi.
Her perdede çözülip dur bir düwün;
Käte dünýälere sygmaýan göwün
Ikije ýapraga sygjak ekeni.

Eý, meniň ömrümiň ýaşyl ýapragy!
Sen bahary alyp gideliň bäri
Hazan höküm sürýär şahalarymda.
(Ne toprakdan pena, ne Gökden dalda..)
Diňe, käwagt, ak pagta deý bulutdan
Teşne heserime ýetişýär däri.

Bu gün bolsa şemal gujagna gysyp,
Göteräýjek ýaly ýar saňa tarap.
Tapylmanlar galsyn öňki gujurym,
Ilkinji günki dek terdir hyjuwym.
Şem ýa:zyksyz, kebelekdir döwtalap.

Şemal meni alyp gidäýjek ýaly

Ýagyşa dürsedip ýadaw demimi.
Göýdükligmi bulutlara bagyşlap,
Hasratymy ýapraklara nagyşlap,
Barýaryn ezizim, sakla lebiňi…

19.07.2019 ý.

© Taýmaz SEÝIDOW. Goşgular